# Golsuz arzaçynyñ Magtymgula öýkünip ýazan goşgusy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Golsuz arzaçynyñ Magtymgula öýkünip ýazan goşgusy GOLSUZ ARZAÇYNYÑ MAGTYMGULA ÖÝKÜNIP ÝAZAN GOŞGUSY

Galam alyp, golsuzy gönderdigim bilmezmiñ?
Dynç başyña asmany inderdigim bilmezmiñ?
Abraýñy bir pitige mündürdigim bilmezmiñ?
Seni agladyp, özüm güldürdigim bilmezmiñ?
Bir kagyzda uçuryp, ýeldirdigim bilmezmiñ?

Hasan kimin gep diñläp, şähr içinde gezdigim,
Ýalan sözi kagyzda düzüm-düzüm düzdügim,
Abraýdan, wezipeden umydyny üzdügim,
Ýazdygymça, ýadaman, gyzyşdygym, gyzdygym,
Ýüregne daglar goýup, ýandyrdygym bilmezmiñ?

Golsuz ýazan golýazmam bir gün MK-a baranda,
Ýokary edaralar hatym açyp görende,
Bu dünýäniñ galpyndan sözläp habar beremde,
Ak ýürekli adamyñ daşynda tor guramda,
Çarşenbe gün Býuroda doñdurdygym bilmezmiñ?

Göz guwanjym golsuzym, aýýarmy ýa jadymy?!
Bu dünýäde tapmarsyñ men deýin ussadyny.
Eşitmek bar arzuwym perýadyny, dadyny,
Ine, şeýdip alar men seniñ gözüñ oduny
Şol ody gözýaş bilen söndürdigim bilmezmiñ?

Töhmet hanyñ söwdasy ne ajaýyp söwdadyr,
Kimi işden agdarsa, şol dünýede ryswadyr.
Günde ýigrim hat gurlup, her hatda bir gowgadyr,
Golsuz hatlar poçtadan akyp barýan derýadyr,
Bir bukjadan kyrk töhmet ýagdyrdygym bilmezmiñ?

Agtygy men Hüñkaryñ, müji aşyk men hem sürpek,
Gaşlyk meni gaýdyrdy, aýagym etdi tyrpak.
Towuk kimin ýer dörüp, seçermen ile torpak,
Gum böwet dek ejiz men, hem züwwetdin, hem gorkak,
Şonda-da suwy terse dönderdigim bilmezmiñ?

Golsuz kişi sözleýär, elindedir arzasy,
Hile-töhmet gardaşy, kezzap mollañ jorasy.
Ýok sözümiñ ýagşysy, ýok derdimiñ çäresi,
Ýalan sözüñ çeşmesi iki gulak arasy,
Bilinäýsem, ähtimni syndyrdygym bilmezmiñ?

Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular